Bilimleriň çeşmesi bolan kitap adamzadyň ýaşaýşy, ösüşi we kämilleşmegi üçin esasy gymmatlykdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasynyň miwesi bolan ajaýyp kitaplary türkmen halkynyň kitap baýlygynyň has-da baýlaşmagyna saldamly goşant goşup, türkmen halkynyň milli ruhy-medeni gymmatlyklaryny we ýörelgelerini gaýtadan dikeltmekde we ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Şeýle-de bu gymmatly kitaplaryň diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem dünýäniň dürli dillerinde neşir edilmegi dünýä jemgyýetçiliginde, adamzadyň aňyýetinde uly gyzyklanma döredýändigini görkezýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlarda kitaba söýgi döretmekde we kitaphana işine giňden çekmekde maslahatlar, döredijilik duşuşyklary, edebiýat agşamlary we dürli görnüşli bäsleşikler yzygiderli geçirilýär. Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň gurnamagynda, ýaşlarda kitaba bolan söýgini güýçlendirmek, olarda türkmen we dünýä edebiýatynyň wekilleriniň ýiti galamyndan syzylyp çykan gymmatly eserleriň üsti bilen watançylyk duýgularyny, milli mirasa sarpa, zähmete söýgini döretmek maksady bilen talyp ýaşlarynyň arasynda «Kitap – ýaşlaryň göwün syrdaşy» atly bäsleşigiň fakultetara tapgyry geçirildi. Ýaşlary kitap okamaga çekmek, olaryň döredijilige gyzyklanmalaryny ösdürmek, şeýle hem bilim sowatlylygyny artdyrmak maksady bilen geçirilen bu bäsleşige institutymyzyň talyp ýaşlarynyň birnäçesi işjeň gatnaşdy.

Bäsleşige gatnaşan talyp ýaşlar akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň saýlanyp alnan goşgulary, Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserleri, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň "Ýaşlar Watanyň daýanjy", "Änew müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet" atly kitaplary we türkmen ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserleri boýunça düzülen test soraglaryny çözdüler.

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk baýramy hem-de Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilen bu bäsleşigiň esasy wezipeleri Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli talyp ýaşlary ýüze çykarmakdan ybarat boldy.

Bäsleşigiň dowamynda oňa gatnaşyjylar ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap ylym-bilim almagy, hünär eýesi bolmagy, zähmet çekmegi, zehinlerini açyp görkezmekleri, ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik özgertmelere öz mynasyp goşantlaryny goşmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Türkmen halkynyň milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş hem-de hoşallyk sözlerini aýtdylar.

**Gülşat ÇARYÝAROWA**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby**

Все права защищены